TÜRKMENISTANYŇ
DÖWLET HARYT –
ÇIG MAL BIRŽASY

THE STATE COMMODITY AND
RAW MATERIALS EXCHANGE
OF TURKMENISTAN

744000, Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 52
Tel.: 44-66-30, 44-61-20; Faks: 44-66-16

744000, 52, Archabil av., Ashgabat c.
Phone: 44-66-30, 44-61-20; Fax: 44-66-16

«27» 01 2022ý. № 01/05-05

# BUÝRUK

**Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň başlygynyň 2015-nji ýylyň 14-nji iýulynda çykaran 01/05-16 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda birža söwdasynyň kadalaryna üýtgetmeler girizmek hakynda**

«Haryt-çig mal biržalary we birža söwdasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna, «Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda çykaran 14074-nji kararyna we şol karar bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy hakynda Düzgünnama hem-de «Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 15-nji we 44-nji maddalaryna laýyklykda Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamyny kämilleşdirmek maksady bilen,

## BUÝURÝARYN:

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2015-nji ýylyň 12-nji awgustynda 897 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda birža söwdasynyň kadalaryny tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň başlygynyň 2015-nji ýylyň 14-nji iýulynda çykaran 01/05-16 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda birža söwdasynyň kadalarynda:

1) sekizinji böleginiň birinji tesiminde «gatnaşýarlar» diýen sözi «gatnaşyp bilerler» diýen sözler bilen çalşyrmaly;

2) on ikinji böleginiň üçünji tesimini aýyrmaly;

3) on dördünji böleginiň üçünji tesimini şu görnüşde beýan etmeli:

«bellenen tertipde tassyklanan, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda birža söwdalaryna harytlary çykarmak we şertnamalary bellige almak üçin zerur resminamalaryň sanawlarynda bellenen beýleki resminamalar.»;

4) otuz dördünji böleginiň ikinji sözlemini aýyrmaly;

5) otuz ýedinji böleginiň ikinji sözlemini şu görnüşde beýan etmeli:

"Satyn alyjy-dellal haryt lotuna bolan gyzyklanmasyny awtomatlaşdyrylan iş ýerinden girmek arkaly bildirip biler."

6) altmyş birinji böleginde:

a) ikinji tesiminde «600 (alty ýüz)» diýen sany we sözleri «3000 (üç müň)» diýen san we sözler bilen çalşyrmaly;

b) üçünji tesiminde «1200 (bir müň iki ýüz)» diýen sany we sözleri «6000 (alty müň)» diýen san we sözler bilen çalşyrmaly;

7) altmyş üçünji böleginde:

a) «we hasap-fakturasynyň ýazylyp berlen» diýen sözleri «gününden soň gelýän iş» diýen sözler bilen çalşyrmaly;

b) dördünji sözlemi şu görnüşde beýan etmeli:

"Bellige alynan şertnamalar (goşmaça ylalaşyklar) boýunça tölenen birža ýygymlary gaýtarylmaga degişli däldir.".

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

**Başlyk** **B.Çaryýew**